# Eýranda ahlagyñ polisiýasy bardy we ol ýatyryldy!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Eýranda ahlagyñ polisiýasy bardy we ol ýatyryldy! EÝRANDA AHLAGYÑ POLISIÝASY BARDY WE OL ÝATYRYLDY!




*Homeýni režiminiñ şugünki gün başdan geçirýän konfliktiniñ özeni – gymmatlyklarynyñ, durmuşa garaýşynyñ we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ eýran jemgyýetçilik laboratoriýa platformasynda öz güýjüni saklap galýanlygyndadyr.*
Eýran halkynyñ homeýni režimine garşy başlan rewolýusiýasynyñ üstünden üç aýa golaý wagt geçdi.
Rewolýusiýanyñ ody režim militanlarynyñ 16-njy sentýabrda ýaş gyz Mahsa Aminini öldürip, gazap odunlarynyñ üstüne döken «benzininden» ot aldy.
Ýangyn barha tutaşýar we režimiñ suwly şlangasy tutaşýan ody söndürip bilmedi.
Şlangalaryñ iñ soñkusy bu rewolýusiýany tutaşdyran «awtoritar» Homeýni birliginiñ ýatyrylmagy boldy.
Birlik ýerli halkyñ dilinde «Gaşt-e erşad» ady bilen tanalan «ahlak polisiýasydyr».
Onuñ işgärleri Mahsany alnyna düşüp duran bir gysym saçy we başýapynjasyny dakmandygy üçin däl-de, başýapynjasyny dakynyşyny halamandyklary üçin öldürdiler!
Eýran talyplarynyñ habarlar gullugy (ISNA) 4-nji dekabrda Eýranyñ Baş prokurory Muhammet Jafar Muntazeriniñ «ahlak

polisiýasynyñ» ýatyrylandygy hakda aýdandygyny habar berdi.
Kum şäherinden berilen beýanatda Muntazeri «ahlak polisiýasynyñ» ony guranlar tarapyndan ýatyrylandygyny aýtdy.
Gulluk režimiñ jemgyýete «esewan etmek» we gözegçilikde saklamak maksady bilen ulanan iñ uly gurallarynyñ biridi.
Gullugyñ gurluşyny geçen iýun aýynda içeri işler edaralarynyñ arasynda Eýranyñ dini liderine wekilçilik edýän «Ideologik we syýasy habarçylyk guramasynyñ» başlygy Ali Reza Edýani mälim edipdi.
Uly kartina dolanyp geler bolsak, eýran režiminiñ «ýol görkezijisiniñ» ofisine garaşly we köplenç ýagdaýda «medeni basybalyjylyga» garşy göreşmäge niýetlenen maksatnamalaryñ añyrsynda duran «Medeni Rewolýusiýa geñeşini» görmek bolýar.
«Ahlak polisiýasy» maksatnamasy öñki «reformist» prezident Muhammet Hateminiñ döwründen gözbaş alyp gaýdýar.
Has soñra öñki konserwatiw prezident Mahmud Ahmedinejadyñ döwründe işläp başlady.



Homeyni režiminiñ bir ygtyýarlysy bular ýaly gulluklaryñ gurulmagyny «jemgyýet polisiýadan jemgyýetiñ gymmatlyklaryny goramak üçin rewolýusion birlik hökmünde hereket etmegine garaşýar» diýip düşündirdi.
Ine, düwüniñ çiglen, keseliñ sakasy we meseläniñ köki şu ýerde. Şeýle çaknyşyk halyndaky iki sosial sistema şaýatlyk edýäris.
Eýranyñ goñşulary bilen bir hatarda bütin dünýä tarapyndan duýlan eýran sarsgynyny emele getiren zadam şu çaknyşyk.
Daşary ýurtda ýaşaýan eýran oppozisionerlerinden Mesih Alinejad 4-nji dekabrda Twitterde şeýle ýazdy:
«Eýranlylar gyzgyn gülleleriñ garşysyna «ahlak polisiýasyny»

agdarmak üçin däl-de, režimi agdarmak üçin çykdy».
Homeýni režiminiň şugünki gün başdan geçirýän konfliktiniň özeni – gymmatlyklarynyň, durmuşa garaýşynyň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň eýran jemgyýetçilik laboratoriýa platformasynda öz güýjüni saklap galýanlygyndadyr.
Bulam gahar-gazanyň oduny tutaşdyran başýapynja we «ahlak meselesinden» has uly konflikte yşarat edýär.
Hasam beteri bir bitewilikde režimiň dowamlylygynyň öňki güýjünde galmagy boýunça sorag alamatlaryny görkezýär.
«Gymmatlyklar» meselesine olary kimiň kesgitländigi, çäklerini kimiň goýandygy we kimiň goraýandygy barada aýdar bolsak, munuň özi Eýrany aşýan, arap we yslam dünýäsine uzaýan mesele.
Gorkulmaly we iň ünsli bolmaly zat – syýasy yslamçylaryň syýasat gapysyndan kowlanyndan soň gymmatlyklar penjiresinden girmegidir!
Munuň özi üstünde aýratyn durup geçmäge mynasyp başga gürrüň.
Mişari ZEÝDI,
Saud Arabystanly žurnalist.

Sişenbe, 06.12.2022 ý. Publisistika